TÜRKMEN DÖWLET BEDENTERBIÝE WE SPORT INSTITUTY

http://www.tdbsi.edu.tm/ http://tdbsi.nesil.edu.tm/ http://tdbwesi.sanly/ tdbsi@sanly.tm


# Ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda «Ýaşlarymyz geljege uly ynam bilen, sportda ösüşler sanly ulgam bilen» atly innowasion tehnologiýalar arkaly bedenterbiýäni we sporty ylmy esasda öwrenmek, ýaşlary köpçülikleýin bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaga giňden çekmek, ýaşlar baradaky döwlet syýasatyny, sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmek boýunça uzak aralykdan internet bäsleşigi

23:59 Işiň iberilmeli möhleti: 15.04.2022 ý. sagat 23:59-a çenli

1. Türkmenistanda bedenterbiýe we sport, ýaşlar syýasaty, sagdyn durmuş ýörelgesi boýunça haýsy kanunçylyk namalary we döwlet maksatnamalary hereket edýär?

2. Paýtagtymyz Aşgabat şäherinde gurlan Olimpiýa şäherçesiniň taslamasy haçan kabul edildi?

3. Türkmen hokkeýçileriniň halkara ýaryşlarynda gazanan üstünlikleri haýsylar?

4. Beden maşklarynyň ýüze çykyş sebäpleri haýsylar?

5. Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby, Türkmenistanyň at gazanan sport ussady Polina Guryewa Tokioda geçen XXXII tomusky Olimpiýa oýunlarynda Garaşsyz Türkmenistanyň taryhynda ilkinji Olimpiýa kümüş medalyny gazanmak ugrunda haýsy döwletleriň türgenleri bilen bäsleşdi?

6. Sport ýaryşlaryny geçirmegiň göni usuly haýsy sport görnüşlerinde ulanylýar?

7. Stol tennisinde ulanylýan topuň agramy näçe?

8. Awtosporta näçe ýaşdan kabul edilýär?

9. Türkmenistanyň Milli Olimpiýa komiteti haçan döredildi?

10. Küştdäki ilkinji on ädimde oýnamagyň näçe sany usuly bar?

11. Sport äleminde kiçi sport ýaryşlaryny hasaba almazdan 200-e golaý altyn medal gazanan türkmen türgeni kim?

12. Sport wakalaryny beýan edýän haýsy çeper filmler «Oskar» baýragyna mynasyp boldy?

13. Bedenterbiýäniň serişdeleri we maksatlary haýsylar?

14. Birmeňzeş gaýtalanýan hereketlerden ybarat bolan sport görnüşleri haýsylar?

15. Tälimçiniň ussatlygy, tutanýerliligi bilen bir hatarda oýun üçin sport tehnologiýalaryny dogry taktikany saýlamak üçin ulanylyp gazanylan arassa we uly hasaply ýeňiş sportuň haýsy görnüşinde hasaba alyndy?

16. Beden sypatlarynyň haýsy görnüşleri bar?

17. Dünýäniň ilkinji resmi däl çempiony diýip yglan edilen türkmen küştçisi kim?

18. Çylşyrymly hereketli sport görnüşleri haýsylar?

19. Agyr atletika boýunça ilkinji dünýä çempionaty näçenji ýylda geçirildi?

20. Futbol topunyň ak we gara reňklerde bolmagyny näme bilen baglanyşdyrýarlar?

21. Mekdep ýaşly çagalarda geçilýän bedenterbiýäniň esasy mazmuny nämeden ybarat?

22. «Aşgabat» stadionynda sport bilen bagly nähili waka Ginnesiň rekordlar kitabyna girizildi?

23. Boks ellikleri nirede döräpdir?

24. 2014-nji ýylda ýurdumyzda sportuň haýsy görnüşi boýunça dünýä çempionaty geçirildi?

25. Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlarynyň maksatnamasyna girizilen sport görnüşleriniň näçe sanysy Olimpiýa oýunlarynyň maksatnamasyna girýän sport görnüşleridir?

26. Düzüminde Türkmenistanyň milli ýygyndysynyň futbolçysy çykyş eden we Ispaniýanyň «Barselona» futbol toparynyň ýeňip bilmedik futbol topary haýsy?

27. Bedenterbiýe we sportda ýükleme näme?

28. Mahmyt Kaşgarlynyň «Diwany lugat at-türk» kitabynda türki halklaryň nähili sport adalgalary getirilýär?

29. Tebigatyň sagaldyş güýçlerine haýsylar degişli?

30. Sportuň oýun görnüşlerine çagalar sport mekdebine näçe ýaşdan kabul edilýär?

31. «Durmuş – edil welosiped sürşüň ýalydyr. Deňagramlylygy saklamak üçin diňe öňe tarap hereket etmelidir» diýen pikir kime degişli?

32. Ýokary okuw mekdebinde bedenterbiýe we sport, ýaşlar syýasaty bilen baglanyşykly nähili guramalar ýa-da bölümler hereket edýär?

33. Ferdöwsiniň «Şanama» epiki poemasynda sportuň haýsy görnüşiniň döreýşi hakynda rowaýat beýan edilýär?

34. Olimpiýa oýunlarynyň çempiony bolan türkmen bedewiniň ady näme?

35. Futbol boýunça Türkmenistanyň Prezidentiniň kubogyny almak ugrundaky halkara ýaryşy näçenji ýyldan başlap geçirilip başlandy?

36. Aşgabat şäherinde 2017-nji ýylda geçirilen Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlaryna näçe döwletden türgenler gatnaşdylar?

37. 2016-njy ýylda ýurdumyzda sportuň haýsy görnüşleri boýunça synag ýaryşlary, Aziýa çempionatlary geçirildi?

38. Türkmenistanyň futbol ýygyndysy Afrika yklymynyň haýsy döwletleri bilen FIFA-nyň halkara ýoldaşlyk duşuşygyny geçirdi?

39. Sport adamlaryň haýsy talabyny ödeýär?

40. Tans sporty boýunça ilkinji resmi dünýä çempionaty haçan we nirede geçirildi?

41. Türkmenistanda sport we sagdyn durmuş ýörelgesine degişli bolan haýsy baýramçylyklar bellenip geçilýär?

42. Türkmen milli göreşi boýunça ilkinji dünýä çempionaty näçenji ýylda we nirede geçirildi?

43. Önümçilik bedenterbiýesiniň esasy wezipesi nämeden ybarat?

44. Türkmenistanyň ýygyndysynyň ilkinji gezek tomusky Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmagy haýsy şanly waka gabat geldi?
45. Türgen üçin ukynyň dowamlylygy näçe sagat bolanda dogry hasaplanýar?
46. Bedenterbiýe we sportda gözegçiligiň usullary haýsylar?
47. Olimpiýa oýunlarynyň 100 ýyllygy nirede we haçan geçirildi?
48. Bedenterbiýe we sport bilen meşgullanýan adamlaryň saglyk ýagdaýyny, fiziki ösüşini, funksional mümkinçiliklerini, keselleriň öňüni almagy, olary bejermegi öwrenýän ylma näme diýilýär?
49. Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça Aziýa oýunlary näçenji ýyldan bäri geçirilýär?
50. Sport binasynda kömürturşy gazynyň mukdary kadada näçe bolmaly?
51. 2010-njy ýylda guralan dünýä çempionatynda Braziliýanyň garşysyna meýdança çykan demirgazyk koreýaly futbolçylaryň näçesi şol ýylda Türkmenistan bilen geçirilen oýna gatnaşdy?
52. Sport türgenleşiginiň serişdeleri näme?
53. Sportuň haýsy görnüşleri bedenterbiýäniň çäginden daşyna çykýar?
54. Halkara Olimpiýa komiteti haçan döredildi?
55. Futzal oýnuny dörediji kim we ilkinji oýun haýsy şäherde guralypdyr?
56. Latyn dilinden terjime edilende «çalt aýak» diýen sözleriň jeminden emele gelen sport görnüşiniň ady haýsy?
57. Bedenterbiýäniň we sportuň pedagogikasynda esasy gymmatlyk näme hasaplanylýar?
58. Hereketleri sazlaýjy ulgamlaryň toparyna haýsy fiziologiki ulgamlar degişli?
59. Birbada 3 yklymyň wekiliýetini bir ýere jemlän Aziýa oýunlary näçenji ýylda we nirede geçirildi?
60. Welaýatlara wekilçilik edýän futbol toparlarynyň haýsy biri ilkinji bolup Türkmenistanyň kubogyny eýeledi?
61. Ýurduň ýygyndy toparyna saýlamagyň görkezijileri haýsylar?
62. Sportda tehnika we taktika diýip nämä aýdylýar?
63. FIFA-nyň ülňülerine laýyk gelýän «Aşgabat» köpugurly stadiony haçan ulanylmaga berildi?
64. Ilkinji gezek türkmen türgenleri konkur, bilýard boýunça medallary haýsy halkara ýaryşlarynda gazandylar?
65. Agyr atletika boýunça dünýä çempionatlarynda Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň astynda gazanylan medallar haýsy türgenlere degişli we olar haçan gazanyldy?
66. Fiziki barlag usulynda daşky gurşawda näme barlanylýar?
67. Bütindünýä temmäkisiz güni haçan bellenilip geçilýär?
68. Türkmen türgenleri ilkinji gezek haçan gyşky Aziýa oýunlaryna gatnaşdylar we nähili netije görkezdiler?
69. Aşgabatda ilkinji welosport kluby näçenji ýylda döredilipdir?
70. Woleýbol topunyň güýçli urgudan soň tizliginiň iň ýokary derejesi sagatda näçe kilometr diýip kesgitlenilýär?
71. Welaýatlara wekilçilik edýän futbol toparlarynyň haýsy biri ilkinji bolup Türkmenistanyň çempiony boldy?
72. Taryhda ilkinji gezek futbol duşuşygygny göni ýaýlym arkaly köpçülige ýetiren kompaniýa haýsy?
73. Suwuň bedenterbiýedäki ähmiýeti nämeden ybarat?
74. Futbol boýunça dünýä çempionatynyň saýlama oýnunda ilkinji bolup tapawutlanan türkmen futbolçysy kim?
75. Ekologiýa taýdan arassa ýaryş hasaplanýan awtosport bäsleşikleri haýsylar?
76. Adamyň bedeniniň işjeňliligi günüň haýsy wagtynda ýokarlanýar?
77. Ilkinji bolup Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilen Türkmenistandaky sport desgalary haýsylar?
78. Sportuň taekwondo WTF görnüşinde guşaklar haýsy reňklerde bolýar?
79. Öýkeniň ýaşaýyş sygymy türgenlerde haýsy görkezijilere ýetip bilýär?
80. Akhan atly ahal-teke bedewi nähili görkeziji bilen Bütindünýä rekordynyň eýesi boldy?
81. Türgenleriň nerw ulgamynyň statiki deňagramlylygyny barlamak üçin haýsy funksional synagy geçirilýär?
82. Sport žurnalistleriniň halkara guramasy nähili atlandyrylýar?
83. Akyldar şahyrymyz Magtymgulynyň ynsan saglygyny goramak üçin zyýanly endiklerden gaça durmaklygy, hereketde bolmagy, çilim we nas ýaly saglyga zeper ýetirýän serişdeleri hem-de arak-şerap ýaly içgileri ulanmazlygy nesihat edýän haýsy goşgulary bar?
84. Taryhy Beýik Ýüpek ýolunyň ugry boýunça geçirilen «Amul — Hazar 2018» awtomobil ýaryşyna näçe döwletden awtomobil sportunyň ussatlary we höwesjeňleri gatnaşdy?
85. AFK-nyň baýdagy astynda geçirilen futbol bäsleşiginde ilkinji bolup kuboga mynasyp bolan türkmen toparynyň adyny kesgitläň we bu waka näçenji ýylda hasaba alyndy?
86. Türkmenistanda Dzýudo federasiýasy näçenji ýylda döredildi?
87. Türkmenistanyň ýygyndysynyň tomusky Aziýa oýunlarynyň taryhyndaky ilkinji altyn medaly haçan we kim tarapyndan gazanyldy?
88. Halkara Olimpiýa gününi döretmek barada haçan we nirede beýan edildi?
89. Türkmenistanyň futbol boýunça milli çempionatynyň ýaryşlarynda ýokary ligada üznüksiz çykyş edip gelýän klublar haýsy şäherlere wekilçilik edýärler?
90. XIX asyryň ahyryna - XX asyryň başlaryna öwrenilip başlan sport ylmy haýsy?
91. Türkmenistanyň Prezidentiniň kubogy ugrundaky halkara hokkeý ýaryşynyň ýeňijisi bolan hokkeý kluby nähili atlandyrylýar we ol haýsy ministrlige degişli?
92. Ýaryşlara gatnaşmaga rugsat berilýändigini nazara alyp, sportuň haýsy görnüşi bilen meşgullanmaga 14 ýaşdan başlamak düzgüni bar?
93. Dünýäde özüniň meşhurlygy boýunça ikinji orunda durýan sportuň görnüşi haýsy?
94. Sportuň suwda sazlaşykly ýüzmek görnüşinde türgenler suwuň aşagynda aýdym-sazy nämäniň hasabyna eşidýärler?
95. 2014-nji ýylda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda sportuň haýsy görnüşi boýunça dünýä Kubogy ugrundaky ýaryşyň tapgyry geçirildi?
96. Dünýäniň haýsy şäherlerinde meşhur welosiped binalary ýerleşýär?
97. Ilkinji gezek «doping» sözi haçan we nirede kabul edildi?
98. Bowling şaryna bat bermek üçin öwrenje bowlerlere näçe ädimden ylgap başlamak maslahat berilýär?
99. Ýokary derejeli türgen günüň dowamynda näçe gezek naharlanmaly?
100. Futboldan başga haýsy sport görnüşlerinde derbi hasaplanýan ýaryşlar geçirilýär?